# Öz-özümi ýigrenýän…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Öz-özümi ýigrenýän… ÖZ-ÖZÜMI ÝIGRENÝÄN…

Öz-özümi birazajyk ýigrenýän:
galpyň galplygyny ýüzüne basman.
Diýjegmi diýmän,
dişimi gysýan.
Öz-özümi birazajyk ýigrenýän:
käte-käte kişi gepine gidip.
Soňam jibrinýän,
müň puşman edip.

Öz-özümi birazajyk ýigrenýän:
maýda öýke-kine saklap köňülde.
Dik kamatym egrelýär
tobaň öňünde.

Öz-özümi birazajyk ýigrenýän:
meniň üçin özge azara galsa.
Göwräm özün eýgermän,
Ile ýük bolsa.

Ýör, dost toýuna baraly.
Arma bereli.
Başy beýgeler.
Elbetde, mensizem,
Sensizem
Toýy bir özi eýgerer.

Ýör, dost ýasyna baraly,
Ýaňy şatlygnyň ýarsyna şärikdik,
Indi derdiniň barsyna
şärik bolaly.

Sensiz geçmesin ýasy,

Mensiz geçmesin ýasy.
Ol bir başa per bermez,
Derdi bir özi eýgermez.

Gowşut ŞAMYÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Goşgular